# Çalyşjak

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Çalyşjak ÇALYŞJAK

Goşgulamdan irikdim men adamlar,
Baryny bir duýgy bilen çalyşjak.
Belki söwdam çüwer diýen tamam bar,
Bar duýgymam söýgi bilen çalyşjak.

Kişiden göremok büdrän ýerimi,
Göz etmek islämok maňlaý derimi.
Dodaklarmyň kepän gülkülerini,
Gözlrimiň çygy bilen çalyşjak.

Dünýä gelmegimde ýatyr çuň many,
Oňlamaryn özgerişsiz oňmany.
Ýazy gyşdan saýgarmaýan töňňäni,
Gunça tapsam düýbi bilen çalyşjak.

Düýşümde ýigrenýän gury sanlygy,
Bu synam bolmasyn çagyl sandygy.
Biparhlykda dörän şadyýanlygy,
Görgä goýýan gaýgy bilen çalyşjak.

Guýrugy ýamzyndan çykmasa itim,
Ot gözümde oýnatmasa gaýratym.
Gurt ornunda tapan şanym, şöhratym,
Şagallaryň aýby bilen çalyşjak.

Çalyşjak men kän zatlary dünýäde,
Oýlansam diýýärin asyl binýada.
Bolsa oňat bolsun, bolmasyn ýa-da,
Erbet ömri ýogy bilen çalyşjak.

Amanmuhammet BAZÝAR,
Türkmensähra. Goşgular